# Bir tilkijik hakda gussaly goşgy

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bir tilkijik hakda gussaly goşgy

BIR TILKIJIK HAKDA GUSSALY GOŞGY

Daglaryň deresinde,
Sumbaryň deňesinde,
Ýaşardy bir tilkijik,
Özem öten ýylkyjyk.

Ah, tilkijik,tilkijik,
Özem öten ýylkyjyk.

Günler ötdi, aý ötdi,
Aşyklyk döwri ýetdi,
Bir tilki aşyk boldy,
Depeden aşyp geldi.

Sumbardan suw içdiler,
O ýan, bu ýan geçdiler.
Maýsalaryň içinde,
Söýdüler, öpüşdiler.

Ah, tilkijik, tilkijik,
Oýnap gezdiň silkinip.

Ýyly süren gazdylar,
Içine ot ýazdylar.
Yssy günler ýatdylar,
Gijeler oýandylar.

Baglar başyn bulanda,
Çigrek teniň ýalanda.
Awa çykardy olar,

Ölen garga ýa horaz.

Tapylmasa her haçan,
Awdyr alaňňyrt, syçan.
Şeýdip yaşap ýördüler,
Günlerini gördüler.

Ah, tilkijik, tilkijik,
Gezip ýörler tirkeşip.

Güýzüň ahyr çagynda,
Süreniň tüm düýbünde,
Dünýä indi dört güjük,
Bir owadan, üýtgeşik.

Ah , tilkijik,tilkijik,
Nirä barýaň silkinip.

Balalara süýt gerek,
Hurş tapmaly özüne.
Iki tilki jan serek,
Barýar obaň törüne.

Çapgyn ýeller uwlaýar,
Obalarda it bolup,
Indi syçan bilmeýär,
Olara iýmit bolup.

Olar eýläk, urunýar,
Olar beýläk urunýar,
 Geçip gitjek ýolunda,
Gapan bary gurulýar.

Olar çarýan ylgaşyp,
Iýmit baryn ýygnaýyp,
Asyl duýman galdylar,
Gelip ýetenin, gyşyň.

Tilkijikler ýetişdi,
Awa çykdylar olar,

Bu gün aw ýok olardan,
Soň algyr awçy bolar.

Ah, tilkijik, tilkijik,
Alty bolup, silkinip.

Awa tarap ugrady,
Gijäň ini dyglady.
Ynam ýok gargalara,
Hiç aw ýok garbanara,

Ol ketekden ketege,
Aýlandylar aw aňtap,
Jüýjeleriň ysy bar,
Özi tapdyrmaz aňsat.

Her gije arman, irmän,
Ähli ketege girýär,
Eläp çykýar obany,
Galýar iti gozgany.

Durşuna tilki yzy,
Ertesi garyň üsti.
Olaň baran ýeriniň,
Awçysy bardy esli.

Awçylar awa çykdy,
Ýanlarynda tazysy.
Tilkiler gaçyp barýar,
Ýerli ýerden tazygyp.

Zordan ýetip sürene,
Gulaklaryn bürene,
Titreşip ýatyr bary,
Daş baglaşyp ýürege

Yz çaldylar awçylar,
Al saldylar awçylar,
Ahyr süreni tapyp,

Şat boldular awçylar.

Giren yz bar, çykan ýok,
Olardan bir sypan ýok.
Geňeş etdiler  olar,
Ot ýaksaň oňat bolar.

Hyşa çekip üst-üste,
Sürene dolsun tüsse.
Eşitdim bu wakany,
Göwnüme doldy gussa.

Alty sanjak tilkijik,
Öwadanja,gülküjik,
Awçylar ele saldy,
Gezmediňiz silkinip.

Deriňizi soýdular,
Içine duz goýdular,
„Ah, tilkijik, tilkijik,
Ele düşdüň“, diýdiler.

Gezen güllerňiz galdy,
Daglaryň deresinde,
Ysgan güllerňiz galdy,
Sumbaryň gyrasynda.

Ah, tilkijik, tilkijik,
Indi nirden tapaly,
Gurmuş pelek gapany
Indi nirden tapaly,
Ah, tilkijik, tilkijik,
Çykjak ýaly silkinip,
Ah, tilkijik,tilkijik,
Ah, tilkijik, tilkijik.

Noýabr 1966.

Öwezdurdy NEPESOW.

Çagalar edebiýaty